# Jaňly serke (hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 20 марта, 2025



Maksadyň gum içinde gezip ýörenine esli ýyl bolupdy. Onuň Garagum sährasyna Anna çopana ýanaw bolup geleni ýaňy ýalydy. Şu ýyllaryň içinde pälwansypat Maksat çoluk özüni edenli ýigit hökmünde tanatdy. Ol suwdan doly çelegi bilini epmän, egnine atyp gidibererdi. Şonuň üçinem bu sährada onuň ýörgünli ady Maksat pälwandy.

Bir günem Anna çopan bilen Maksadyň arasynda şeýle gürrüň boldy:

— Oglum, sen bireýýäm çopançylygyňam, bu keramatly sähranyňam abyny-tabyny aldyň. Aňzagynda bekeşdiň, jöwzasynda bişişdiň. Süriniň otar etjek ýerini, aýlanjak hem baraýjak örüsini bäş barmagyň ýaly bilýäň. Mallaryň ýagdaýyny bir göreniňde aňşyrýaň. Men indi oba dolanaýyn. Arçyna-da duýdurdym. Indi süriniň garamatyny öz boýnuňa al.

Agşamara sürini sanadylar. Maksat şunça gelşiksiz görse-de, ýaşuly çopan «Hasaply dost uzaga gider» diýlenini etdi. Şondan soň obadan ulag gelýänçä, ýaşuly çopan bilen Maksat ondan-mundan gürrüň edip, esli oturdylar.

– Bu sähranyň jemligi bilen birlikde, sowranlygy-da bardyr, oglum. Bu düňle sährada indi nä ahwallar ýüze çyksa-da, çykalgany özüň tapmaly borsuň. Çolugyňam saňa sereder durar. Şonuň üçinem hemişe goldaw bolup ýören janawarlar bardyr, şolary özüňe ýakyn tutgun. Bu giň sährada ilki goldawçyň şolardyr.

Maksat birdenkä nämedir bir zat ýadyna düşen ýaly, ýaşuly çopanyň ýüzüne dikanlady. Soňam aýgytly gürledi:

– Anna kaka, şu jaňly serkäni indi daş-töweregi alazenzele edip ýörmekden dyndyraýsak, niçik bolar? Dogry, süriniň başyny çekib-ä ýör ol. Ýöne, birhili, şoň gohy möjek-beýlekä: «Geliň, biz bärde» diýip habar bermek üçin edilýän ýaly. Özüm-ä öňde-soňda şoň gohundan ýaýdandym ýördüm. Indem sizem bolmasaňyz… Ol indi Garagöz dagymyza artykmaç iş tapyp beräýmese…

Ýaşuly çopan başyny ýaýkady.

– Hersiniň öz ýeri bardyr. Serkäniň ýerini alabaý, alabaýyň ýerini-de serke tutmaz, oglum. Serkäni jaňdan, jaňy serkeden aýraýmagyn. Ata-baba bu zatlaryň hasaby içindedir.

– Şol bolmanda-da goýun janawarlaryň özleri sürlenip, öňe gidiberjek ýaly, Anna kaka.

– Öňe gider, oglum, ýöne gitmek bar – gitmek bar. Öwrenişikli serkedir ol. Men onuň öňünde durup, ýyllarboýy gür otly ýerde gowuja garzynmagy öwredipdim. «Geçiň öň aýagy ýaly» diýýändirler käbir alakjap, hallan atyp ýörenlere. Ýöne bu serke olardan däldir. Ol sürä basgylatman, otluk ýeriň bir ujundan mazaly iýmeli otuny iýdirýär. Eger goýun janawarlaryň özi bolaýsa, öňünde taýagyňy bulap oturmasaň, hezil bermez, otuň ýüzüni gyrçap, öňe dyzar durar. Onsoňam, goýunlar bu serkäniň göwresinden ätiýaç edip, daşrakda duranlaryny kem görenoklar.

– Ýeri, bolýar, serke-hä düşnükli diýeli, ýöne boýnundaky jaňyny aýraýanymyz bilen ýitirýän zadymyz ýog-a? Düňňürdäp

ýör-dä ol her ädiminde. Onsoň möjek, tilki, şagal diýenem bir zat bar-da…

– Oglum, sähra döräp, möjegem, şagalam, tilkem bolandyr. Jaňly kerweniň bolşy ýaly, jaňly süriniň bolmagy-da gurt-guşlary çekindirýär, olar jaňyň sesinden eýmenýärler. Gelegurdam, bürgüdem, beýleki ýyrtyjylaram jaňyň sesinden ätiýaç edýä. Şuň düňňürdisinde bir gudrat bolmasa, ata-babalaram şony şu çaka çenli ýanlaryndan goýman gelmezdiler.

Ýaşulynyň gürrüňleriniň täsiri Maksady başdaky pikirinden dänderdi. Ol joşgunly gürledi.

– Başgasyn-a bilemok welin, Anna kaka, sesde bir hikmetiň bardygyna-ha özümem ynanýan. Ynha, şu gyjagyň sesini eşitsem, ýüregim eleniberýär. Bir ýerde oturybilemog-a şol täsin owazy eşitsem. Düşündir-dä düşündiribilseň.

– Ana, gördüňmi. Şonuň üçinem serkäni-de, jaňy-da öz ýakyn hemaýatçyň saý-da, haýdaber.

– Bäh, Anna kaka, sen-ä meni jaňly serkesiz gozganmaz ýaly etdiň.

– Berekella, oglum, senden tamamam şeýle. Ata-baba çopançylyk ýolundan gidiberseň, bereket-rysgalyň artar, hümmetiň zyýada bolar. Bu giň sährada sen ýeke dälsiň. Sen ikisiň hem köplüksiň. Iki diýýänim Hydyr ata hemişe ýanyňdadyr, köplük diýýänim ata-babalarymyzyň ruhy her ädimde goldaýandyr. Ertir, nesip bolsa, ýanyňa çoluk bolmaly oglanam geler. Onsoň-a yzymdan arkaýyn bolaryn men.

Goja çopan gidensoň, Maksat öz ýanyndan etmeli işleri seljerişdirip, sürini «kowalap» başlady.

Ýagşyň çisňäp durmagy çigrekli güýz gününiň howasyny has-da sowadypdy. Radioda ýagşyň ýagjagy barada aýdylanda, Maksat: «Güýz bolar-da, ýagyşsyz bolarmy» diýip, özüni sowukganly alyp barmaga çalyşdy. Ýöne goşdan esli arany açandygyny göz öňüne

tutup: «Wah, edil şu gün ýagmasa kem-ä bolmazdy, ýeke özümi aljyratmasa-da biridir. Ertir-ä kömekçem geler-le welin. Her niçigem bolsa, sürini sazaklaryň ygyşagyna sürerin» diýip pikir etdi.

Emma ýagyn Maksadyň pikir edişiniň çeni-çakam bolmady. Özem birden başlandy. Ilk-ä bedreden eňterilýän ýaly, gözüňi açyp bolmaýan ýagyş ýagdy. Soňam turdy bir apy-tupan. Maksat başardygyndan sürini köne gaýtarylyşy ýaly yzyna sürdi. Ýöne jaňly serke öňden ýörese-de, süriniň yzky bölegi bölünip, başga bir ugra tarap gitdi. Garagöz olary dolajak bolup, «haw-hawlap» öňünden çykdy. Emma süri ýene-de başga bir ugra tarap yňdy. Garagözem olaryň söbügine mündi. Şol gidişine-de gözden ýitdi. Şondan soň süriniň öňüni çekýän jaňly serkä eýerýän goýunlar hem bir tarapa eňip gitdi. Ýalňyz özi galan jaňly serke olaryň yzyna düşüp, çekräp ses etdi. Ýöne onuň sesini diňlän bolmady. Ozal süriniň öňüni çeken serkäniň jaňynyň sesi ýagşyň güýçli şabyrdysynyň astynda ýitip gitdi.

Maksat gözüňi açyp bolmaýan harasatda birbada başardygyndan hereket etjek boldy. Ýakyn kömekçileriniň – alabaý itleriniň atlaryny ýekän-ýekän tutup, gygyryp, bir eýläk ylgap gördi, bir beýläk, ýöne başaran zady bolmady. Ol: «At müneniňden-ä geçdik, eýerden bir berkje ýapyş» diýlenini edip, eşegini sypdyrmajak bolup jan edýärdi.

Ol ýagşyň astynda digdenekläp, entegem kän urundy. Süriniň bölünip giden ugurlaryna tarap esli aralygy ýöräp geçdi. Soň halys ugruny ýitirip, haýsy tarapa tutdurýanyny-da unudyp ugrady. Ahyrsoňam, iş-işden geçendigini boýun aldy-da, bir sazagyň düýbüne geçip dyz epdi. Ýaşuly çopanyň giden gününiň şeýle ýagdaýyň ýüze çykyp ýörşüni ykbalyň synagy, özüni bolsa şol synagdan geçip bilmedik nalajedeýin şägirt saýyp, başyny tutup birsalym pikire çümüp oturdy. Şeýdip doňňaradaşa öwrülip, esli wagtlap oturdy. Howanyň ýagdaýy bolsa beterlemese gowulaşarly däldi. Ol sowugyň süňňünden mazaly geçenini duýsa-da, gozganybermäge howlukmady. Ýapynjasyndan hemaýat isleýän ýaly, ony bürenip, bir gyra gyşarjak boldy.

Ýöne beýdäýdigi özüni çykgynsyz ýagdaýa salaýmagynyň daş däldigi barada pikir etdi-de, töweregine garanjaklady. Şonda ol gözüniňem garaňkyrap ugrandygyny aňdy. Gyşaryp ýatyşyna süriniň haýsy tarapa gidip biläýjegi barada pikir etdi. Ol indi bedenine erk edip bilmän, tutuş süňňi bilen sandyraýardy. Halys ysgyndan gaçyp, sowuk endamyna mazaly siňen çopan yraň-daraň edip ýerinden turdy. Şonda gapdalynda duran eşegini görüp, hut şu gün ýabyny däl-de, eşegini münüp gaýdanyna begendi. Sähel wagtdanam jepakeş eşek ysgyn-mydary galmadyk Maksady arkasyna alyp, öwrenişenje ugry bilen goşa tarap mytdyldap ugrady…

Daňa golaý olar özlerini goşa atdylar. Çalmardaky üýşürilen gury ojary sandyraýan elleri bilen zordan tutaşdyran çopanyň jany aram tapan ýaly bolsa-da, sandyramasy galyberenokdy. Her niçigem bolsa, rahat tapan beden uka meýilliligini gaty çalt bildirdi.

Daň saz beriberende Maksat çopanyň gulagyna jaň sesi eşidilen ýaly bolup, tisginip oýandy. Birbada düýşürgändirin öýtdi. Düşen ýagdaýy baradaky pikir ony ýene basmarlap ugrady. Şol wagt jaň sesi ýene-de eşidilen ýaly boldy. Ol diňşirgendi. Ses kem-kem aýyl-saýyl eşidilip ugrady. Dogrudan-da, bu serkäniň boýnundaky jaňyň sesidi. Şol pursat jaň sesi Maksadyň gulagyna bu dünýädäki ähli owazlardan ýakymly eşidildi. Ol ýerinden turjak boldy, ýöne ysgyn-mydary galmadyk göwre onuň islegi bilen deň gopubermedi. Jaň sesine birneme rahatlanan beýni ýene-de uka meýil bildirdi. Şeýdip, Maksat ýene esli wagtlyk bu barlygyň hupbatlaryndan azat bolmak üçin gözlerini ýumdy.

Giden bir süriňi ýitirersiň-de, ukuda gaçybatalga taparmyň diýsene. Maksat uka gidenden düýş gördi. Düýşünde ýaňky ýagdaý ýene gaýtalanýarmyşyn. Harasatyň yzy hiç gutarar ýaly dälmişin. Ýöne süri hiç ýere gitmänmişin. Süriniň daşynda bolsa itleridir jaňly serke aýlanyşyp ýörmüşinler. Maksat sürini goşa tarap sürjek bolup şunça jan etse-de, olar gozganar ýaly dälmişin. Asla oňa barmysyň diýýänem ýokmuşyn. Ol edil düýn öýlänki, harasatyň astynda aljyrap durka edişi

ýaly, özüni ýere goýberip, dyzlaryny gujaklap oturyşyna: «Bäh, bularyň öňünde-de halys abraýdan düşen ekenim-ow» diýip pikirlenýärmişin. Bolup oturyşyna, düşen ýagdaýyna halys jany ýanan maksat barja güýjüni jemläp, sürä tarap ýöräp ugraýarmyşyn. Ýöne onuň özlerine tarap gelýänini gören süri birdenkä gozgalaň tapyberýärmişin. Serke jaň sesini ýaňlandyryp eýläk-beýläk ylgap, itlerem oňa seredip, edil ýat birine haýbat atýan ýaly üýrýärmişinler. Şondan soň goýunlaram dilleşen ýaly, ýerli-ýerden mäleşip, bolubilenlerini bolup ugraýarmyşynlar.

Maksat howpurgap, garader bolup oýansa-da, düýşündäki sesleriň galybermeýändigi ony geň galdyrdy. Itleriň sesi, dogrudanam, gaty golaýdan eşidilýärdi. Oňa jaňyňdyr goýunlaryň sesem goşulyşyp eşidilensoň, Maksadyň süňňi ýeňlän ýaly, ýerinden galdy. Ol, hakykatdanam, birneme özüne gelipdi. Özüne şeýle mähriban, kyn gününde hossar çykan jandarlaryň sesini eşiden ýigidiň bedenine täze bir güýç dolan ýaly boldy. Ol çalmardan çykyp, garşysyndaky beýik alaňa seredende, sürini sürüp gelýän ýaşulyny görüp, doňňaradaşa öwrüldi. «Hydyr ata…» diýip pyşyrdady. Süri has golaýa gelende bolsa, ony sürüp gelýäniň Anna çopandygyny görüp, hossaryna gözi düşen çagajyk ýaly, damagy doldy. Özüniň şu pälwansypat göwresi bilen ýumruk ýaly ýaşuly çopança bolup bilmändigi barada pikirlenende: «Bu sähranyň entek okalmaly okuwy kän-ow» diýip içini gepletdi. Soňam düýnden bäri ilkinji gezek ýylgyryp goýberdi.

…Howanyň üýtgäp ugranyny aňan Anna çopan şol gün oba ýetip barýarkalar sürüjini halys ugruna goýman, ulagy yza öwürdipdi…

***Şöhrat MÜLKIÝEW,***
***ýazyjy.***